# Kim näme üçin ýazýar?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Publisistika,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kim näme üçin ýazýar? KIM NÄME ÜÇIN ÝAZÝAR?



*1972-nji ýylda altmyş dokuz ýaşly Žorž Simenon «Oskar» atly täze romanyny ýazmagy birden taşlaýar. Köp ýyllaryň dowamynda durmuşa öz gahrymanlarynyň nazary bilen bakan, kesekiniň betbagtçylygy we agyrysy barada gürrüň bermeli bolan meşhur ýazyjy öz adyndan gürlemäge wagt ýetendigini duýýar. Ol on ýyllap magnitofonyň başynda öz-özi bilen söhbet edýär. Özi aýtmyşlaýyn. «Garry adamyň oýnawajy» bilen «uzak ömrüň dowamynda akyl ýetirenleri» barada ýürekdeş gürrüň bermäge çalyşýar. Netijede, ol «ýazgylar» 21 jiltli kitap bolup dükanlara ýaýraýar. Olar gündelik dal (wagt yzygiderliligi saklanmaýar), adaty ýatlamalarymyza-da meňzemeýär, öz-özüňi ýa-da başga birini aklap iç dökmek hem däl. Bu eseriň žanryny awtoryň özi hem kesgitläp bílmeýär. Şeýle adaty bolmadyk şekil aýdasy gelenini aytmak, adamlara öz göwnüni açyp görkezmek we özlerine we dünýä düşünmäge kömek etmek islän ýazyjy üçin örän amatly bolupdyr.*
*Simenonyň ýatlamalar kitaplarynda ýazanlaryndan has köp zatlary görendigi hem bilýändigi romanlarýndan, publisistikasyndan bildirýär. Ýazyjyny ykbal bankirler,*

*ministrler, gazet magnatlary bilen duşurýar. Häzirki zaman sungatynda, edebiýatda, ylymda akymlary döreden ägirtler bilen hem ol ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Onuň dostlarynyň arasynda Çarli Çaplin, Žan Goben, Žan Renuar, Federiko Fellini, Wlamink, Deren, biologlar, lukmanlar, hukuk adamlary bar. Ol 20-nji ýyllaryň sýurrealistleri, Pikasso bilen görüşýär. Andre Žid we beýleki meşhur ýazyjylar bilen hat alyşýar. Bu atlar onuň ýazgylarynda käwagt bir görnüp gıdýär. Kämahal olara birnäçe setir bagyşlanýar, ýıtı we dogry häsiýetnamalar berilýär.*
*Simenonyñ edebiýatdaky ykbalyna gülala-güllik diýseň bolar. Onun kitaplary onlarça ýurtda müňlerçe nusgalykda neşır edilýär. Onun romanlary esasynda, megerem, ýüzlerçe film, spektakl döredilendir, ylmy işler ýazylandyr. Onuň doredıjılıgı bilen içgın gyzyklanýandyklary barada F.Moriak, U.Folkner, R.Marten dyu Gar we Ç.Snou ýazypdylar. Emma Simenonyň jedelsız üstünligine, haýran galdyryjy meşhurlygyna bir hili ajymtyk häsiýetlendirme berýärler. Polisiýa komissary Megre baradaky romanlaryň güýçli eserdigini boýun alsalar hem köpler Simenony detektiw, pajygaly başdan geçirmeleriň beýançysy, akylyňa agram salmaýan dynç aldyryjy ýazyjy hasaplaýarlar. Bu nähak baha Simenona öz ýaramaz tāsirinı ýetirýär. Onuň Megre hakyndaky romanlaryny höwes bilen çap edýän neşirýatçylar beýlekı romanlaryny kynlyk bilen kabul edýärler. Emma ýyllaryň geçmegi bilen edebiýaty öwrenijileriň Simenonyň romanlaryna garaýyşlary özgerýär.*
*Hormatly okyjylar! Biz meşhur fransuz ýazyjysynyň ýokarda agzalan ýatlamalar kitabyndan bir parçany size hödürleýäris.*
* * *

Ýarym sagat çemesi eýjejik şepagat uýasy özüniň ömür boýy ýazyjy bolmagy höwes edendigini, indi on ýyl bäri hem gün sypdyrman gündelik ýöredýändigini aýtdy. Onuň kärine görä hemişe haýy giden hassa, biçäre adamlar bilen iş salyşmaly bolýandygyny göz öňünde tutsaň, megerem, onuň gündeliginde haýran galdyryjy gyzykly zatlar bolmaly.
«Ýazmak” diýilýän söz müňlerçe adamlara jadylaýjy täsir edýär. Men aýal-erkek, ýaş-u- garry parhy ýok, ummasyz köp adamdan birnäçe gezek hekaýa ýazmaga synanişandyklary barada ýazylan hatlary alýaryn. Olar hatlarynda nämeden başlamalydygyny

soraýarlar. Meni bolsa: «Islendik ýaşdaky adamlary ak kagyzyň üstüne egilmäge näme mejbur edýärkä?» diýen sowal köp oýlandyrýar.

Käbirleri barada aytmaly bolsa oýlananyňä-dä degenok, jogaby nagt hem juda ýönekeý pul. Olar gazetlerden haýsydyr bir ýazyjynyň kitabynyň millionlapça husgalykda neşir edilendigini hem dünýäň puluny gazanyp, tüçjar baý bolandygyny okaýarlar-da: «Näme üçin men däl?» diýýärler.

Her kim özüní ýeriň göbegi hasaplaýar ahyryn. Ol öz başyndan geçenleriň, hatda díňe kellesine gelenleriň hem ählumumy haýran galynmaga mynasypdygyna çirksiz ynanýar.

Käbiri bolsa ýürekgysmadan ýazýar. Öz ömrüniň solak we boşdugyna göz ýetiren biri ony roman etmek isleýär. Onuň ýürekgysgynç durmuşyny gyzykly geçirmegi islemäge doly hukugy bar.

Ýöne ýazmak zerurlygyna dolanalyň. Hatda ýazmak zerurlygyndaky zerurlyga. Bu sowatly adamlaryň, köplenç professorlaryň arasynda duş gelýär.

Nädip, näme üçin ýazyjy bolýarlar? Bu barada dürli ýazgylar, aýratyn hem ony arşa çykaryp düşündirýän işler köp neşir edilýar. Hatda pelsepeli eserlerden alnan umumy adalgalary we sitatalary ökdelik bilen oýnaýan ýörite ylym hem döredipdirler.

Näme üçin ýazyjy bolýarlar? Beýle diýjek bolsaň, näme üçin suratkeş ýa-da sazanda bolýarlar? Meniň düşünişimçe, megerem, munda görnüp duran itergiler yok. Men hem edil beýlekiler ýaly ýazylanda beýniniň haýsy öýjükleriniň oýna girýandigini bilemok, ýöne başga bir geň sowaly berip bilerin: «Näme ücin kezzap ýa-da ganhor bolýarkalar?» Ymyklyja oýlanyp, çynym bilen «Adamlar ýazmaga zerurlyk duýanlary üçin ýazýarlar” diýip jogap bererdim. Ýöne bu jogap käbir adamlaryň näme üçin tas tutuş ömürlerini diýen ýaly asla neşir edilmejek hekaýatlary kagyza geçirmäge bagyşlaýandyklaryny düşündirmeýär.

«Ýazyjy bolup doglanlary üçin ýazyjy bolýarlar” diýen jogap hem maňzyma batmaýar. «Ol başga bir ýerde däl-de diňe şol mekdepde okany, pylan mugallymyň okuwçysy bolany üçin ýa-da ol

mekdepde-de in ökdeleriň biridi” diýen ýaly düşündirişler has-da ýapa degmeýär. Ýalňyşmaýan bolsam, öňem aýdypdym, ýöne ýene gaýtalaýaryn: «Ýazyjy bolýandyklarynyň sebäbi olar başga hiç zady başarmaýarlar.» Başgaça aýtsak, roman ýazýanlaryň köpüsi işi şowuna däl adamlar. Elbetde, olar dine özlerini tanaýarlar, onam tanaýyşlary ýabygorly. Ine, onsoň romanlarynda özleriniň sähelçe tejribelerini beýan edýärler. Kähalat garaşylanynyň tersine ol romanlar naýbaşy eser bolup çykýar. Ýöne naýbaşydan şowsuzy köp bolýar. Bolanda näme?!. Islendik adamyň hem ýeňşinden ýeňlişleri köp bolýar ahyryn. Zada ýaramaýan, hili pes ýazgylar barada aýtsak, bular hem adamyň islendik başga işlerinde duş gelýän zaýaçylyklardan köp däldir. Ýeke Eynşteýne bütin ömürlerini täze formula gözläp, ahyry hem ady bilinmän ölüp gidýän näçe fizik düşýär?
Öň gürrüň berenim bermänim anyk ýadyma düşenok, ýöne birinji aýalymyň atasy barada ýatlasym gelýär. Ol bug maşynlaryny ýasaýan zawodda işleýär eken. Bir gün ol bug gazanlaryny düýbüne çökýän kesmekden arassalamagyň ansat hem arzan usulyny oýlap tapypdyr. Onuň teklibi kabul edilipdir. Munuň üçin eslije pulam beripdirler. Elbetde, berlen bayrak maýa edinerden az eken. Ol bu pula rahat bir kürsi satyn alypdyr-da, şoňa çöküpdir. Ondan: Näme otyrsyň?» diýip sorasalar: «Oýlap tapýaryn» diýip jogap berýär eken. Ol daşyna çagalaryny üýşürip, kürsüsinde uzak ýyllar oturypdyr. Irginsiz oýlap tapypdyr hem çagalaryny buthanada aýdym aýdyp zordan ekläpdir.
Megerem, şeýle oýlap tapyjylar köp. Ýazyjylaram, suratkeşlerem kän. Meniň pikirimçe, bu gülkünç däl, gaýta çuň mazmunly, belent ýagdaý. Bu her bir adamda diňe çaga etmek islegi däl-de, döretmek höwesiniň hem ýaşaýandygyny aňladýar.
Her kim bilip ýa-da bilmän ömre many bermek islegini duýýar. Ony öz eserleri bilen dowam etdirmek höwesi hem üstüne.
Bilmedim, ýatlama ýazmadyk ortarak aýdymçy ýa-da kinoçy bir galdymyka? Men polisiýa işgäri, hülgent, hatda ganhor hakynda-ha agzabam oturamok. Syýasatçylaram bu kadaň içinde. Köp ýyllaryň dowamynda Niksonyň sag eli (iki elem diýseň gelişmän durmaz) bolan Genri Kissinžer işden çykandan soň biziň üçin ýalan ýaly görünýän galam hakyna aýagaldygyna ýatlama ýazýar.

Ol nyrhyny töleseň, telekrandan Ak Tamyň bolgusyzja syrlary barada-da gürrüň bermäge hemişe taýýar. Eger ol demirçi ussa ýa-da restoranda hyzmatçy bolyp işlän bolsa onuň ýatlamalary gara şaýa-da geçmezdi. Ýöne ussanyň ýa-da hyzmatçynyň ýatlamalary mümkin, has gyzykly bolardy, has adamkärçilikli boljakdygyna-ha şübhäm ýok. Edebi makalalar